TÜRKMENISTANYŇ
K A N U N Y

Adam söwdasyna garşy göreş hakynda

Şu Kanun Türkmenistanda adam söwdasyna garşy göreşiň hukuk, guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär we şahsyýetiň azatlygynyň, jemgyýeti adam söwdasyndan goramagyň döwlet kepilliklerini üpjün etmäge gönükdirilendir.

I bap. Umumy düzgünler

1-nji madda. Esasy düşünjeler

Şu Kanunda ulanylýan esasy düşünjeler:

adam sowdasy - munuň özi ezmek (ekspluatirlemek) maksady bilen bir ýa-da birnäçe ýurduň çäginde adam toplamak, satyn almak, satmak, daşamak bilen baglanyşykly güýç ulanmak haýbaty ýa-da ony ulanmak bilen bir adamy ýa-da birnäçe adamy elden-ele bermek ýa-da saklamak, bergi bendiligine ýa-da mejbur etmegiň beýleki görnüşlerine çekmek, ogurlamak, aldamak, kezzapçylyk, berlen ygtyýardan hyýanatçylykly peýdalanmak ýa-da gowşaklyk ýagdaýyny peýdalanmak, täjirçilik maksatly ogullyga (gyzlyga) almak bilen olary bir adama gözegçilik edýän adamyň razyçylygyny almak üçin tölegler ýa-da bähbitler görnüşinde bermit bermek, şeýle hem jenaýaty düzýän beýleki usullary ulanmak bilen edilen hereketleriň jemidir;

adam söwdasy bilen meşgullanýan - bu, adam söwdasy bilen baglanyşykly islendik hereketleri özbaşdak ýa-da adamlaryň topary bilen amala aşyrýan fiziki ýa-da ýuridiki şahslar, şeýle hem öz hereketleri (hereketsizligi) bilen adam söwdasyna ýardam edýän, şonuň ýaly hem öz gulluk ygtyýarlyklaryna laýyklykda garşy bolmaga borçly bolsa-da, şoňa böwet bolmaýan we garşy durmaýan wezipeli adamdyr;

adam söwdasynyň pidasy - bu, adam söwdasy bilen baglanyşykly geçirilmäge, gowşurylmaga, satylmaga ýa-da beýleki hereketlere razylygynyň bardygyna-ýokdugyna garamazdan, adam söwdasyndan heläkçilik çeken adamdyr;

adam toplama - munuň özi haýsydyr bir iş üçin hakyna tutma, ýygnama, haýsydyr bir işe çekme, şol sanda bikanun işe çekmek, haýsydyr bir guramanyň, şol sanda işi kanun tarapyndan gadagan edilen guramanyň düzümine gatnaşdyrmakdyr;

mejbury zähmet - bu temmi ulanmak haýbaty bilen ýa-da mejbur etmegiň beýleki görnüşlerini ulanmak ýoly bilen adamdan talap edilýan islendik işdir ýa-da hyzmatlardyr, şunda ol adam öz hyzmatlaryny olara meýletin teklip etmeýär;

ezmek (ekspluatirlemek) - bu mejbury zähmet ýa-da hyzmatlar, gulçulyk ýa-da gulçulyga kybapdaş däpler, elgarama ýagdaýda ýa-da adamyň beden agzalarynyň we (ýa-da) dokumalarynyň alynmagy, jynsy häsiýetli hereketleri amala aşyrmak maksady bilen adamy ezmegiň beýleki görnüşleridir;

gulçulyk - ot babatda eýeçilik hukugyna mahsus bolan käbir ýa-da ähli ygtyýarlyklar berjaý edilýän adamyň ýagdaýydyr ýa-da onuň halydyr;

bergi bendiligi - bu ýerine ýetirilýän işiň bahasy bergini üzmäge hasaba alynmadyk ýa-da işiň dowamlylygy haýsydyr bir möhlet bilen çäklendirilmedik ýa-da işiň häsiýeti we hak tölemegiň möçberi kesgitlenilmedik halatynda, bergidaryň öz

şahsy zähmetini ýa-da oňa garaşly bolan adamyň zähmetini girewine goýmagy netijesinde döreýän ýagdaýdyr ýa-da haldyr;

emeli ene (enelik) - emeli taýdan tohumlandyrmagyň lukmançylyk usulynyň ulanylmagy netijesinde ýa-da oturdylan düwünçegi göwresinde götermek arkaly onuň netijesinde çaga dogran aýaldyr;

adam söwdasyna garşy göreş - adam söwdasyna ýol bermezlikden, şony ýüze çykarmakdan, onuň soňuna çykmakdan, adam sowdasynyň zyýanly netijelerini ujypsyzlandyrmakdan we ondan heläkçilik çekenlere kömek bermekden ybarat çäreler toplumydyr;

adam söwdasy bilen baglanyşykly jenaýatlar - bu Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan jenaýatlardyr.

2-nji madda. Adam söwdasyna garşy göreş hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy

1. Adam söwdasyna garşy göreş hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kanundan, adam söwdasyna garşy göreş çygrynda gatnaşyklary düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda, şu Kanunda bar bolan düzgünlerden başga düzgünler bellenilen bolsa, onda halkara şertnamalarynyň kadalary ulanylýar.

3-nji madda. Türkmenistanyň adam söwdasyna garşy göreş çygrynda döwlet syýasaty

Türkmenistanyň adam söwdasyna garşy göreş çygrynda döwlet syýasaty şulara, ýagny:

adam söwdasyna garşy göreş çygrynda bitewi syýasatyň alnyp barylmagynyň üpjün edilmegine;

adam söwdasyndan şahsyýetiň we jemgyýetiň goralmagyna;

adam söwdasyna garşy göreşde kanunçylygyň kämilleşdirilmegine;

adam söwdasyna garşy göreşde ýüze çykýan gatnaşyklaryň düzgünleşdirilmegine;

adam söwdasyna ýol bermezlige, ony ýüze çykarmaga we onuň soňuna çykylmagyna;

adam söwdasynyň pidasy bolan adamlary beden, psihologik we durmuş taýdan dikeltmek üçin amatly şertleriň döredilmegine;

adam söwdasyna garşy göreş çygrynda Türkmenistanyň halkara borçnamalarynyň durmuşa geçirilmegine gönükdirilendir.

4-nji madda. Adam söwdasyna garşy göreşiň esasy ýörelgeleri

Adam söwdasyna garşy göreş şu ýörelgelere, ýagny:

adam söwdasyna garşy göreşde kanunylylygyň berjaý edilmegine;

adam söwdasy bilen meşgullanýanlar üçin jogapkärçiligiň gutulgysyzdygyna;

adam söwdasynyň pidasy bolanlary kemsitmezlige;

adam söwdasynyň pidasy bolanlara adalatly garamaga we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmäge;

hukuk, syýasy, saglygy goraýyş, durmuş-ykdysady, öňüni alyş we maglumatlar çärelerini bilelikde peýdalanmaga;

jemgyýetçilik birleşikleri we halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyga esaslanýar.

5-nji madda. Adam söwdasynyň pidalaryny ezmegiň (ekspluatirlemegiň) usullary we görnüşleri

1. Adam söwdasynyň pidalaryny ezmek (ekspluatirlemek) şu usullarda amala aşyrylyp bilner:

zorluk ulanmak bilen ýa-da (we) neşe serişdelerini we psihotrop maddalaryny, alkogoly, güýçli täsir edýän dermanlary ulanmak bilen fiziki taýdan mejbur etmek;

bergi bendiligi ýa-da başga maddy taýdan baglylykda, şol sanda gulçulykda ýa-da gulçulyga kybapdaş şertlerde bolmak görnüşinde ykdysady taýdan mejbur etmek;

ýalan haýbat atmak, aldaw ýoly bilen, ýalňyşmaklyga salmak ýa-da zorluk ulanmak howpy bilen psihik taýdan mejbur etmek;

ogullyga (gyzlyga) almak bilen hossarlyk ýa-da maşgala döretmezden nikalaşmak arkaly hukuk taýdan baglylyk.

2. Adam söwdasynyň pidalaryna bolan işiň mazmuny boýunça ezmek (ekspluatirlemek) şu görnüşlerde amala aşyrylyp bilner:

adamyň fiziologik beden agzalaryny we dokumalaryny transplantasiýa etmek (oturtmak) maksady bilen peýdalanmak;

aýaly emeli enelik häsiýetinde peýdalanmak;

adam zähmetini durmuş çygrynda (öý we durmuş hyzmatlarynda), önümçilikde, oba hojalyk işlerinde, şeýle hem jenaýatçylykly işewürlik çygrynda (ýaragly düzümlere, bikanun önüm öndürmek önümçiligine gatnaşmagynda) peýdalanmak;

adamy jynsy gatnaşyklarda ulanmak;

adamy harby gatnaşyklarda ýa-da harby hereketlerde ulanmak.

3. Eger adam söwdasynyň pidasy bolan adam söwdasyna gönükdirilen islendik täsir ediş serişdeleri ulanylan bolsa, bu iş adam söwdasyna degişli edilende ezilişiň (ekspluatirlemegiň) görnüşleri barasynda onuň razylygy üns berilmäge degişli däldir.

II bap. Adam söwdasyna garşy göreşiň guramaçylyk esaslary

6-njy madda. Adam söwdasyna garşy göreş boýunça işi amala aşyrýan döwlet edaralary

1. Adam söwdasyna garşy göreş boýunça işler Türkmenistanyň Baş prokuraturasy, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy, Türkmenistanyň Daşary ýurt raýatlaryny hasaba alyş döwlet gullugy we öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Adam söwdasyna garşy göreş boýunça döwlet edaralarynyň işine Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan gözegçilik edilýär.

7-nji madda. Adam söwdasyna garşy göreş boýunça işi utgaşdyryjy döwlet edarasy

1. Türkmenistanyň Baş prokuraturasy adam söwdasyna garşy göreş boýunça işi utgaşdyryjy döwlet edarasy bolup durýar.

2. Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň ygtyýarlyklaryna şular degişlidir:

1) adam söwdasyna garşy göreş çygrynda döwlet syýasatyny amala aşyrmak;

2) adam söwdasyna ýardam berýän sebäpleri ýüze çykarmak we aradan aýyrmak boýunça işiň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen işi guramak we geçirmek;

3) adam söwdasyna garşy göreşe gönükdirilen şu Kanunyň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň takyk we birmeňzeş berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak;

4) adam söwdasyna garşy göreş boýunça döwlet edaralarynyň işini utgaşdyrmak, şeýle hem şu Kanunyň 11-nji maddasynda görkezilen ýöriteleşdirilen edaralaryň işine gözegçiligi amala aşyrmak;

5) adam söwdasyna garşy göreş çygrynda Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny taýýarlamaga gatnaşmak;

6) adam söwdasyna garşy göreş çygrynda Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek hakynda teklipleri taýýarlamak;

7) adam söwdasynyň meseleleri hakynda ilatyň habardarlygyny ýokarlandyrmak boýunça işi guramak;

8) adam söwdasyna garşy göreş boýunça alnyp barylan iş hakynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine her ýyl hasabat bermek;

9) adam söwdasyna garşy göreş bilen baglanyşykly beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrmak.

3. Adam söwdasyna garşy göreş boýunça işi amala aşyrýan döwlet edaralary adam söwdasynyň ýüze çykarylan ýagdaýlary hakyndaky maglumatlary Türkmenistanyň Baş prokuraturasyna bermäge borçludyrlar.

8-nji nıadda. Adam söwdasyna garşy göreş boýunça işi amala aşyrýan döwlet edaralarynyň ygtyýarlyklary

1. Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi adam söwdasyna garşy göreşi adam söwdasy bilen baglanyşykly jenaýatçylyklara ýol bermezlik, olary ýüze çykarmak, olaryň soňuna çykmak, adam söwdasynyň gerimi, ýagdaýy we ýaýraýyş meýilleri hakyndaky habarlary ýygnamak, seljermek, umumylaşdyrmak we maglumatlar alyşmak arkaly amala aşyrýar, adam söwdasy bilen meşgullanýan we Türkmenistanyň çaginde hereket edýän adamlaryň we guramaçylykly jenaýatçylyk toparlarynyň aragatnaşygyny ýüze çykarýar we olaryň soňuna çykýar.

2. Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde adam söwdasyna garşy göreşi adam söwdasy bilen meşgullanýanlaryň halkara terrorçylyk guramalary we guramaçylykly jenaýatçylyk toparlary bilen aragatnaşyklaryny ýüze çykarmak arkaly amala aşyrýar.

3. Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary ýurduň çäginden daşarda bolýan we adam söwdasynyň pidasyna uçran Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklaryny we

bähbitlerini goramagy üpjün edýärler.

4. Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy adam söwdasyna garşy göreşi adam söwdasy bilen meşgullanýanlaryň Türkmenistanyň Döwlet serhedinden bikanun geçmage eden synanyşyklarynyň, şeýle hem adam söwdasynyň pidalarynyň Türkmenistanyň Döwlet serhedini kesip geçmeginiň öňüni almak, ony ýüze çykarmak we onuň soňuna çykmak arkaly amala aşyrýar.

5. Türkmenistanyň Daşary ýurt raýatlaryny hasaba alyş döwlet gullugy adam söwdasyna garşy göreşi adam söwdasy bilen meşgullanýanlaryň Türkmenistanyň Döwlet serhedinde migrasiýa gözegçiligi nokadyny kesip geçmäge eden synanyşyklaryny ýüze çykarmak we öňüni almak, adam söwdasynyň pidasy bolan daşary ýurtlaryň raýatlaryny ýurduň çäginden daşary ugratmagy amala aşyrmak, adam söwdasynyň pidasy bolanlara kömek bermek boýunça çäreleri görmek arkaly amala aşyrýar.

9-njy madda. Adam söwdasyna garşy göreşi amala aşyrýan döwlet edaralaryna ýardam etmek

Döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri, wezipeli adamlar we raýatlar adam söwdasyna garşy göreşýän döwlet edaralaryna ýardam etmäge borçludyrlar.

III bap. Adam söwdasynyň öňüni almak

10-njy madda. Adam söwdasynyň öňüni almak boýunça işler

1. Adam söwdasyna garşy göreş alyp barýan döwlet edaralary adam söwdasynyň öňüni almak boýunça işleri guraýarlar.

2. Adam söwdasyna ýol bermezlige gönükdirilen öňüni alyş çäreler ulgamy şu aşakdakylary, ýagny:

1) adam söwdasyna garşy göreşiň meseleleri boýunça seljerme (monitoringi) geçirmek;

2) adam söwdasynyň öňüni almaklyga gonükdirilen maksatnamalary işläp düzmek we amala aşyrmak;

3) adam söwdasynyň pidasy bolup biljekleriň düşüp biljek howply ýagdaýlary barada, döwlet we ýöriteleşdirilen edaralar tarapyndan berilýän goraglylyk hakynda, döwlet tarapyndan adam söwdasyna garşy görülýän jenaýat yzarlaýyş we dolandyryş temmi çäreleri hakynda jemgyýetiň habardarlygyny ýokarlandyrmak;

4) adam söwdasynyň öňüni alyş çärelerine, adam söwdasynyň pidasy bolup biljek adamlar üçin howpuň peseldilmegine gönükdirilen okuw maksatnamalaryny işläp düzmek we durmuşa ornaşdyrmak;

5) adam söwdasyna garşy göreş çygrynda işleýän jemgyýetçilik birleşikleri bilen hyzmatdaşlyk;

6) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki çäreleri öz içine alýar.

IV bap. Adam söwdasynyň pidalaryny goldamak we olara kömek bermek boýunça ýöriteleşdirilen edaralar

11-nji madda. Adam söwdasynyň pidalaryny goldamak we olara kömek bermek boýunça ýöriteleşdirilen edaralaryň döredilmegi

1. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän tertipde, adam söwdasynyň pidalaryny goramak we olara kömek bermek maksady bilen adam söwdasynyň pidalaryny goldamak we olara kömek bermek boýunça ýöriteleşdirilen edaralar (mundan beýläk – ýöriteleşdirilen edaralar) döredilip bilner.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan ýöriteleşdirilen edaralar döredilende adam söwdasyna garşy göreş çygrynda işleýän jemgyýetçilik birleşikleri hyzmatdaşlyga çekilip bilner.

3. Ýöriteleşdirilen edaralary maliýeleşdirmegiň çeşmeleri we olaryň işini üpjün etmek Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

12-nji madda. Ýöriteleşdirilen edaralaryň esasy wezipeleri

1. Ýöriteleşdirilen edaralaryň esasy wezipelerine şular degişlidir:

1) adam söwdasynyň pidalaryna olaryň bähbitlerini goramaga gönükdirilen hukuk we guramaçylyk çäreleri hakyndaky maglumatlary bermek;

2) adam söwdasynyň pidalaryna saglygy goraýyş, psihologik, hukuk we beýleki kömekleri bermek;

3) adam söwdasynyň pidalaryna maşgala we jemgyýete birikmegine ýardam etmek;

4) adam söwdasynyň pidalaryna wagtlaýyn ýaşamak üçin gaçybatalga bermek.

2. Adam söwdasynyň pidasyna onuň şahsy haýyşy esasynda bir aý möhlet bilen ýöriteleşdirilen edaralarda wagtlaýyn ýaşamak üçin gaçybatalga berilýär.

3. Adam söwdasy bilen meşgullanýanlaryň garşysyna görkezmeler bermek zerurlygy ýüze çykan halatlarynda, gaçybatalga bermegiň şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen möhleti derňew edaralarynyň, prokuroryň ýa-da kazyýetiň teklibi bilen iş boýunça önümçiligi alyp barmagyň ähli döwrüne çenli, adam söwdasynyň pidasynyň görkezmeler bermäge razylygy bolanda ýa-da onuň delillendirilen haýyşnamalary boýunça uzaldylyp bilner.

V bap. Adam söwdasynyň pidalaryna kömek bermek we olary goramak

13-nji madda. Adam söwdasynyň pidalaryny durmuş taýdan dikeltmek

1. Adam söwdasynyň pidalaryny durmuş taýdan dikeltmek işleri olary sagdyn durmuş ýaşaýşyna öwrüp getirmek maksady bilen geçirilýär we bu işler şol adamlara hukuk kömegini, saglyk, psihologik, hünär taýdan dikeldilmegini we işe ýerleşdirilmegini öz içine alýar.

2. Adam söwdasynyň pidalarynyň durmuş taýdan dikeldilmeginiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

14-nji madda. Adam söwdasynyň pidasy bolan çagalara kömek bermek

1. Adam söwdasynyň pidasy bolan çagalara berilýän kömek Türkmenistanyň

kanunçylygyna we Türkmenistanyň degişli halkara şertnamalarynyň kadalaryna laýyklykda berilmelidir.

2. Adam söwdasyna garşy göreş boýunça döwlet edaralarynda we ýöriteleşdirilen edaralarda adam söwdasynyň pidasy bolan çaga hakynda maglumat peýda bolan halatynda, olar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çaganyň hukuklaryny goramak maksady bilen, bu barada hossarlyk we howandarlyk meseleleri bilen meşgullanýan edaralara haýal etmän habar bermelidirler.

3. Adam söwdasynyň pidasy bolan çagalar ýöriteleşdirilen edaralaryň gaçybatalgalaryna ýerleşdirilen halatynda, olar ululardan aýratynlykda bolmalydyrlar.

Adam söwdasynyň pidasy bolan çagalar ýöriteleşdirilen edaralaryň gaçybatalgalaryna ýerleşdirilende, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, olara döwletiň bilim edaralaryna gatnamagyna mümkinçilik döredilýär.

4. Eger adam söwdasynyň pidasy bolan çaga özüniň ene-atasyndan aýrylyp hossarsyz galsa ýa-da öz maşgalasynyň ýerleşen ýeri hakynda habarsyz bolsa, onda çaganyň maşgalasyny gözlemek, ýa-da oňa hossarlyk, ýa-da howandarlyk bellemek boýunça çäreler Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

15-nji madda. Adam söwdasynyň pidalaryny goramak boýunça çäreler

1. Derhal-agtaryş işini amala aşyrýan edaranyň, anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazyýetiň karary esasynda, adam söwdasynyň pidasynyň şahsyýeti hakyndaky maglumatlaryň elýeterliligi maglumathana gulluklarynda ýapyk bolmaklyga degişlidir.

2. Adam söwdasynyň pidalary hakynda ýa-da adam söwdasynyň ýagdaýlary hakynda, adam söwdasynyň pidasynyň janyňa ýa-da saglygyna, ýa-da onuň garyndaşlaryna howp döredip biljek, şeýle hem adam söwdasyna garşy göreşe ýardam berýän adamlar hakyndaky maglumatlaryň ýaýradylmagy gadagandyr.

3. Eger adam söwdasynyň pidasynyň janyňa we saglygyna hakyky howp abanýan bolsa, onda ol adamyň Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde adyny, familiýasyny, atasynyň adyny üýtgetmäge hukugy bardyr.

4. Howpsuzlyk çärelerini we adam söwdasynyň pidalary hakyndaky ýaşyryn maglumatlary, şeýle hem deslapky derňew maglumatlaryny, edil şonuň ýaly-da jenaýat iş ýöredilişine gatnaşýanlar barasynda ulanylýan howpsuzlyk çäreleri hakyndaky maglumatlary aýan etmek gadagandyr.

5. Döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň wezipeli adamlary, şeýle hem adam söwdasyna garşy göreş boýunça işe gatnaşýan jemgyýetçilik birleşikleriniň işgärleri adam söwdasynyň pidalary hakyndaky ýaşyryn maglumaty aýan edendikleri we şeýle adamlara kömek bermändikleri üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

16-njy madda. Adam söwdasynyň pidalaryna berilýan döwlet kepillikleri

l. Anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet adam söwdasynda güman edilýän adamlary ýüze çykarmak maksady bilen derňew we anyklaýyş edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmäge özüniň islegi hakynda mälim eden adam söwdasynyň pidasy babatda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan howpsuzlyk çärelerini

görýärler.

2. Eger-de daşary ýurtly raýat ýa-da raýatlygy bolmadyk adam, adam söwdasynyň pidasy bolsa, ol Türkmenistanyň Jenaýat-iş ýörediş kodeksine laýyklykda jebir çeken diýlip bilinse we jenaýat işi boýunça şaýat bolsa ýa-da hukuk goraýjy edaralara kömek berse, onda anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň delillendirilen haýyşnamalary boýunça adam söwdasynda günäkär adamlar barasynda jenaýat işi boýunça gutarnykly çözgüt çykarylýança, şeýle adama ýurduň çäginden daşary çykaryp goýbermek baradaky çäreler ulanylyp bilinmez. Adam söwdasynyň pidasyna, onuň Türkmenistana gelen ýagdaýlaryna garamazdan, Türkmenistanda wagtlaýyn bolmagyna hukuk berilmelidir.

3. Eger adam söwdasynyň pidasy adam söwdasy bilen meşgullanýan tarapyndan öjükdirilen ýagdaýlar sebäpli dolandyryş hukuk tertibini bozsa, onda ol onuň üçin jogapkärçilik çekmeýär.

17-nji madda. Adam söwdasynyň pidalaryna kömek bermek we olary goramak boýunça Türkmenistanyň daşar ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň borçlary

1. Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary özleriniň bolýan ýurdunda adam söwdasynyň pidalary bolan Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklaryny we bähbitlerini goramagy amala aşyrýarlar we olaryň Türkmenistana dolanyp barmaklaryna ýardam berýärler.

2. Adam söwdasynyň pidalary bolan Türkmenistanyň raýatlarynyň şahsyýetini kesgitleýän resminamalaryny adam söwdasy bilen meşgullanýanlaryň ýitiren ýa-da olardan yzyna alyp bolmaýan ýagdaýynda, Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary şeýle raýatlara Türkmenistana gaýdyp barmaga hukuk berýän resminamalary resmileşdirýärler we olary berýärler.

3. Türkmenistanyň kanunçylygyna we bolunýan döwletiň kanunlaryna laýyklykda, Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary Türkmenistanyň adam söwdasynyň garşysyna göreş boýunça kanunçylygy hakynda özleriniň bolýan döwletiniň degişli edaralaryna maglumatlary bermäge, şeýle hem adam söwdasynyň pidalarynyň hukuklary hakynda degişli adamlaryň arasynda habarlary ýaýratmaga borçludyrlar.

VI bap. Adam söwdasyna garşy göreş çygrynda halkara hyzmatdaşlygy

18-nji madda. Adam söwdasyna garşy göreş çygrynda halkara hyzmatdaşlygy

1. Adam söwdasyna garşy göreş meselelerinde Türkmenistan halkara hukugynyň kadalaryna we ýörelgelerine laýyklykda, daşary ýurtlar we olaryň ygtyýarly edaralary, şeýle hem adam söwdasyna garşy göreş alyp barýan we adam söwdasynyň pidalarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga ýardam edýän halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk edýärler.

2. Türkmenistan şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň howpsuzlygyny üpjün etmegiň bähbitlerinden ugur alyp, adam söwdasynyň transmilli häsiýetini göz öňünde tutup, adam söwdasyna dahylly adamlary öz çäginde yzarlaýar, şol sanda adam

söwdasy ýa-da onuň aýry-aýry döwürleri Türkmenistanyň çäginden daşarda bolup geçen ýagdaýlarynda Türkmenistanyň raýatlaryna ýa-da daşary ýurt raýatlaryna zyýan ýetirilse, şeýle hem Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda yzarlaýar.

VII bap. Jemleýji düzgünler

19-njy madda. Adam söwdasy hakynda işler boýunça önümçiligiň kazyýetler tarapyndan alnyp barylmagynyň aýratynlyklary

Adam söwdasy bilen baglanyşykly jenaýatlar hakyndaky, şeýle hem adam söwdasynyň pidalaryna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky işler Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde kazyýetleriň ýapyk mejlislerinde seredilip bilner.

20-nji madda. Adam söwdasy üçin jogapkärçilik

1. Adam söwdasy bilen baglanyşykly jenaýatlara dahylly fiziki we ýuridiki şahslar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.
2. Adam söwdasynyň Türkmenistanyň ýuridiki şahsynyň üsti bilen amala aşyrylandygy kazyýet tarapyndan anyklanylan ýagdaýynda, adam söwdasyny görnetiň ýaşyrmaklyga hyzmat eden şol ýuridiki şahs kazyýetiň karary esasynda ýatyrylmaga degişlidir.
3. Daşary ýurt döwletiniň ýuridiki şahsynyň (onuň wekilhanasynyň, şahamçasynyň) adam söwdasyna göz-görtele dahyllylygy kazyýet tarapyndan ykrar edilen halatynda, kazyýetiň karary esasynda onuň işi Türkmenistanyň çäginde gadagan edilýär we onuň Türkmenistandaky wekilhanasy ýa-da şahamçasy ýatyrylýar.
4. Şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen ýuridiki şahsyň (onuň wekilhanasynyň, şahamçasynyň) kanun tarapyndan gadagan edilen usul bilen edinen emläg kazyýetiň karary esasynda muzdsuz elinden alynýar we ol döwletiň girdejisine goşulýar.

Türkmenistanyň Prezidenti — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

Aşgabat şäheri
2007-nji ýylyň 14-nji dekabry
№ 155-III